# Degmäñ!

Category: Goşgular,Kitapcy,Sözler
написано kitapcy | 23 января, 2025
Degmäñ! DEGMÄÑ!

Degmäñ maña!
degmäñ ýaşaýyn!
Goýuñ
erkin ýaşaýyn,
erkinligi ýaşaýyn.

Men ýalñyz, siz milýardlar, (sessiz perýatlar)!
ýagmyr ýaly aýdymlam ezende añlarñyzy,
kaklyşsa başyñyza
gulaklarñyz gapylar.

diñleseñiz owazym
eriş-argaç sözlerim
oýuñyza sapylar,
teşne göwün ÿagtylar ýagmyrymyñ nurundan
onsoñ çölüñ soñunda, salgymlardan ötenleñ
çüýşe ýaly kalbynda başgaça gan tapylar,
başgaça san,
täze mukam,
täze ynsan tapylar.

Degmäñ maña!
degmäñ meniñ ruhuma
goýuñ,
barlygyñ dagyny, deñzin aşaýyn
goýuñ ýaşaýyn!

* * *

Degmäñ maña!
degmäñ söýeýin,
goýuñ,

erkin söýeýin,
erkinligi söýeýin!

Çyn söýgini harlan müñkür namartlar
haram söýgiñizi asyp boýundan
aşykdyr öýdýäñiz, «ýugrulan ýalan”
meniñ söýgimiñ
äpet oduna
çoýunabilseñiz ýekeje sellem,
aýna kalplarda
görüner asman,
tapylar täze bir geñ mahy-taban
başgaça mahbup,
başgaça ynsan.

Degmäñ maña!
degmäñ meniñ göwnüme,
irizýändir meni çala söýşüñiz
söýgi sygmaz çirkden doly ýürege.
Meniñ dünýämde
aýry ýörelge
munda diñe bitin söýgüler derkar,
goýuñ,
yşkyñ serhedin, arşyn aşaýyn!
sözlerden iñ nepis halylar dokap
aşyklara gat-gat miras goýaýyn,
degmäñ!
söýeýin.

***

Degmäñ maña!
degmäñ gideýin,
erkin gideýin,
erkinlige gideýin.

Size laýyk belki bu çala durmuş!?
ýarym ýaşaýyş!

Degmäñ,
haýdaýyn hakyky köñül ýoluny,
hakykata ýeteýin!
ýeñebilmez meni dumanly daglar,
ýeñebilmez hergiz
durmuş tupany,
pany gumany.

aşaýyn añlary, çañdan aşaýyn,
hyjuwdan, şatlykdan, gamdan aşaýyn,
onsoñ bir gije
mukaddes söýginiñ giñişliginde
orunlaryñ iñ belendin aşamsoñ
ýeteýin hije.

Şonda men söýgini hije ýuguryp,
täze bir durmuşda uraryn perwaz,
ýiti:r şol gün sözler ýeñil manysyn,
adam,
akyl,
köñül sözleri
çümerler has uly, has çuñ ummana
tolkunar iñ belent, gudratly owaz,
ýumrar ol sözleriñ köne gämisin.
Şonda puja çykar akyl hem köñül
söýgi,
ýaşaýyş,
ölüm
çykarlar puja.
Degmäñ!
orundan aşaýyn, sözden aşaýyn
ýeteýin hije!

***

Degmäñ maña!
degmäñ öleýin,
goýuñ

erkin öleýin,
erkinlikde öleýin!

Ybrahym B. Maý, 2021 ý. Goşgular